# Uýgur halk nakyllary

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Uýgur halk nakyllary UÝGUR HALK NAKYLLARY

Batyrlyk bilekde däl-de, ýürekdedir.
***
Mert namarda baş egmez.
***
Düýäni şemal ýyksa, geçini asmanda gör.
***
Demri demir keser.
***
Palçykdan ýasalan küýze suwdan bitin çykmaz.
***
Aýagyň gyşyklygyna bakma, ýoluň düzlügine bak.
***
Şemal bilen gelen, şemal bilenem gider.
***
Bereniňi az saý, alanyňy köp.
***
Nebsiň jylawy akylyň elinde.
***
Biri aýagyňa ýykylyp, bolsa har, Ol hem Hudaýyň bendesidir, agyrtmagyl zynhar.
***
Ýagşydan aýasaň, ýaman iýer.
***
Adam edene tagzym et.
***
Altyn çüýremez, akyl garramaz.
***
Güýç ähli zady eger, akyl – güýjem ýeňer.
***
Akyl – abraý, hünär – bagt.
***

Seredip duranyň bilen hünär öwrenip bolýan bolsa, it bireýýäm gassap bolardy.
***
Bilim – paýhasyň şamçyragydyr.
***
Nadandan dostluga garaşma.
***
Köp ýaşandan sorama, köpi görenden sora.
***
Düýe dek boýum bolandan, düwme dek aky- lym bolsun.
***
Daşyňy geýim bilen beze, içiňi – ylym bilen.
***
Ýetmiş ýaşlynyň hem ýedi ýaşlydan öwrenmesi bardyr.
***
Özüni dolandyran şähere soltan, dolandyrmadyk – oltaň.
***
Bagşy bagşyny görse, eli titräp başlar.
***
Hünäri bar gul däldir.
***
Urşuň dokuzy hile, biri – jeň.
***
Garran çagyňda bersin ylahym.
***
Güman dert goşar, umyt güýç goşar.
***
Baýlyk sende eglenmez, gallaçlyk – mende.
***
Baý gözüni ýag basar, köne köli – laý.
***
Ýalyndan tutup bilmedigiňi, guýrugyndan tutup bilmersiň.
***
Işledim Hekimbek üçin, iýenim taýak boldy, Işledim kätmen bek üçin, iýenim çörek boldy.
***
Hojaýynyň çaşy bolsa, senem gözüňi gyşardyp gürle.

***

Aýal öýde hem han, hem hyzmatkär.

***

Aýal ganaty – är, är ganaty – ýer.

***

Ýagşy aýal – äre döwlet.

***

Göze ilmedik zat, aýaga badak.

***

Nämäni pisint etmeseň, şoňa-da büdrärsiň.

***

Agzyndan bal damýar, köňlünden – zäher.

***

Dişlejek it dişini görkezmez.

***

Akar suw – halal suw.

*** Mätäje bereniň – Hudaýa bereniň.

***

Kiçilikde jepa gören, garrylykda sapa görer.

*** Ýykylany ýer göterer.

***

Işik açyk bolsa-da, sorap gir.

***

Myhmansöýer öýüň gazany guramaz.

***

Tygşytlylyk – husytlyk däldir.

***

Bar wagty aýa, ýok wagty sabyr et.

***

Aç wagtyň ulanan käsäňi, dok wagtyň taşlama.

***

Aja nan ýapdyrma, üşäne ot ýakdyrma.

***

Öküzi şahyndan tutarlar, adamy sözünde.

***

Adam ýüz ýyl ýaşar, sözi müň ýyl.

***

Ýagşy söz köňül azygy.
***
At – är kişä ganat.
***
Itiň öňüne geçme, atyň – yzyna.
***
Aýgyr gaçsa, ýylky sürüsinden gözle.
***
Akylsyz bagtly bolsa-da, torbasy deşik bolar.
***
Pelek ýanar, umyt galar.
***
Umyt ýaşadar, gam gagşadar.
*** Asmandan atlaz ýagsa-da, tumar daşlyk ýetmändir.
***
Kele darak ýetipdir.
***
Agyryly ýere daş deger.
***
Garga zyňdym, sygra degdi.

**Uýgur dilinden terjime eden: M.ARAZOWA**

*#»Dünýä edebiýaty» žurnalyndan alyndy.* Sözler